# Bolçulyk hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bolçulyk hakda BOLÇULYK HAKDA

Görýän dumly-duşda bolçulyk baryn,
Ýaş-ýeleñler işe barýar jinsili.
Şonda öz ýaşlygmy ýada salýaryn,
Işe barşym köne-küşül muñsuly.

Her döwür bir döwür. Düşünýän oña,
Göwnüñ küýsän zadyñ öñüñde taýyn.
Çatynja ýaşlara sala salsañ-a,
«Janym – öz çatmama» bolmaýar kaýyl.

Ýagşy, bu mekanyñ jümmüşlerinde
Ural zawodlaryn gurmadyk bolsak.
Ýer şary näderdi jeñiñ jemine
Reýhstagyñ boýnun burmadyk bolsak?

Esgerleñ şo Ýeñşi bolmadyk bolsa,
Alarmydyk bolçulygyñ salgyny?
Meniñ neslim döwrün ýadyna salsa,
Garybrakdyk, ýöne, baýdy kalbymyz.

Ýowuz jeñler gurduk, sakladyk gorap
Genji-hazynasyn Zeminystanyñ.
Arzuwly helmeted hyjuwly darap,
Goradyk matlabyn paýhasyñ-añyñ.

Görkana ýaşlara söýünýär göwün,
Ýöne, añy telper bir bikemaly
Altyn-kümşüñ girdabynda gördügim,
Ýaşyrmaýyn, göýä özüm günäli.

Bolçulyga şyltak atyp bilmerin,
Bolçulykda halkyñ mañlaý deri bar.
Ýöne köne-küşüllije günlerim

Göz öñüme ýöne ýere gelmeýär.

Jeñler, weýrançylyk boldy paýymyz,
Beýle paý ýaşlara bolmasyn ünji.
Tämiz saklañ pähim bilen añyñyz,
Şoldur Ýeriñ genji, Ýeriñ söýenji.

Gilemdar RAMAZANOW,
başgyrt şahyry.

Rusçadan terjime eden: Annaly BERDIÝEW. Goşgular